# This document has been provided by the International Center for Not-for-Profit Law (ICNL).

ICNL is the leading source for information on the legal environment for civil society and public participation. Since 1992, ICNL has served as a resource to civil society leaders, government officials, and the donor community in over 90 countries.

Visit ICNL's **Online Library** at http://www.icnl.org/knowledge/library/index.php
for further resources and research from countries all over the world.

Disclaimers

**Content.** The information provided herein is for general informational and educational purposes only. It is not intended and should not be construed to constitute legal advice. The information contained herein may not be applicable in all situations and may not, after the date of its presentation, even reflect the most current authority. Nothing contained herein should be relied or acted upon without the benefit of legal advice based upon the particular facts and circumstances presented, and nothing herein should be construed otherwise.

**Translations.** Translations by ICNL of any materials into other languages are intended solely as a convenience. Translation accuracy is not guaranteed nor implied. If any questions arise related to the accuracy of a translation, please refer to the original language official version of the document. Any discrepancies or differences created in the translation are not binding and have no legal effect for compliance or enforcement purposes.

**Warranty and Limitation of Liability.** Although ICNL uses reasonable efforts to include accurate and up-to-date information herein, ICNL makes no warranties or representations of any kind as to its accuracy, currency or completeness. You agree that access to and use of this document and the content thereof is at your own risk. ICNL disclaims all warranties of any kind, express or implied. Neither ICNL nor any party involved in creating, producing or delivering this document shall be liable for any damages whatsoever arising out of access to, use of or inability to use this document, or any errors or omissions in the content thereof.

**Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary**

22 Gurbansoltan 2005 ý. № 7197 Aşgabat ş.

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanynda Dini guramalary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almak baradaky maglumatlara garamak boýunça topary döretmek hakynda**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2005 ý., № 4, 161- madda)

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 19.09.2005 ý. çykaran №7526 karary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Dini guramalary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almagyň tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanynda Dini guramalary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almak baradaky maglumatlara garamak boýunça topary şu düzümde döretmeli: (1-nji bölüminiň Toparyň düzümi baradaky bölegi Türkmenistanyň Prezidentiniň 19.09.2005 ý. çykaran № 7526 karary esasynda güýjüni ýitiren).

Dini guramalar we jemgyýetçilik birleşikleri hasaba alnan mahaly kanunylygyň berjaý edilmegini üpjün etmegi Toparyň üstüne ýüklemeli.

2. Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Dini guramalary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almak baradaky maglumatlara garamak boýunça topar hakyndaky Düzgünnamany tassyklamaly (goşulýar).

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat Türkmenbaşy**

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2005-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň 22-nde
çykaran № 7197 karary bilen
tassyklanyldy

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Dini guramalary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almak baradaky maglumatlara garamak boýunça topar hakynda DÜZGÜNNAMA**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 02.12.2009 ý. çykaran № 10717 karary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

1. Şu Düzgünnama Dini guramalary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almak baradaky maglumatlara garamak boýunça toparyň (mundan beýläk - Topar) işiniň tertibini düzgünleşdirýär, şeýle hem onuň işiniň esasy ugurlaryny kesgitleýär.

2. Topar pudagara edara bolup, onuň işiniň esasy ugry dini guramalar we jemgyýetçilik birleşikleri hasaba alnan mahaly kanunylygy üpjün etmekden ybaratdyr.

3. Topar öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, Türkmenistanyň kanunlaryny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerini, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny we şu Düzgünnamany goldanýar.

4. Toparyň düzümini Türkmenistanyň Prezidenti tassyklaýar. Toparyň düzümine

Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Din işleri baradaky geňeşiň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň, Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrliginiň, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň wekilleri girýär.

5. Toparyň esasy wezipeleri:

dini guramalaryň we jemgyýetçilik birleşikleriniň hasaba almak üçin gowşan maglumatlaryna garamakdan;

raýatlaryň dine uýmak erkinligi we jemgyýetçilik birleşiklerini döretmek baradaky konstitusion hukuklarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmekden;

dini guramalaryň we jemgyýetçilik birleşikleriniň maglumatlaryna garalan mahaly degişli ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işini utgaşdyrmakdan ybaratdyr.

6. Topar öz üstüne ýüklenilen wezipelere laýyklykda şu işleri ýerine ýetirýär:

dini guramalary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almaga rugsat berýär;

dini guramalary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almak boýunça işleriň ýagdaýyny seljerýär.

Topar dini guramalary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almaga degişli beýleki meselelere hem öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde garap biler.

7. Toparyň:

dini guramalary hasaba almagyň maglumatlary boýunça din öwreniş seljermesini bellemäge;

öz üstüne ýüklenilen wezipeleri durmuşa geçirmek üçin zerur maglumatlaryň berilmegini ygtyýarly edaralardan soramaga we olary almaga hukugy bardyr.

8. Dini guramalary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almaga rugsat bermek baradaky maglumatlary Toparyň mejlislerinde garamak üçin Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň halkara-hukuk gatnaşyklary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba alyş müdirliginiň başlygy taýýarlaýar.

9. Toparyň mejlisleri namalaryň gowuşmagyna görä geçirilýär. Mejlisler Toparyň Başlygynyň ýolbaşçylygynda geçirilýär. Çözgütler Toparyň agzalarynyň sesleriniň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Toparyň her bir agzasy mejlisde dini guramalary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almaga rugsat bermek babatda öz pudaklaýyn edarasynyň pikirini beýan edýär.

Pudaklaýyn edaralaryň biri anyk meseleler boýunça garşy çykan mahaly onuň pikirini şol pudaklaýyn edaranyň wekili dilden beýan edýär, maglumatlarda bolsa kabul edilen çözgüt hakynda ýazmaça bellik edilýär. Zerur bolanda Topar gutarnykly çözgüdi kanunçylykda bellenilen möhletlerde kabul etmek üçin goşmaça maglumatlaryň berilmegini talap edýär. Toparyň mejlislerinde garalýan maglumatlar äşgär edilmäge degişli däldir.

10. Dini guramalary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almak baradaky maglumatlara garamagyň netijeleri boýunça Topar şu çözgütleriň birini kabul edýär:

dini guramany we jemgyýetçilik birleşigini hasaba almaga rugsat bermek hakynda;

dini guramany we jemgyýetçilik birleşigini hasaba almaga rugsat bermekden ýüz döndermek hakynda.

Aýry-aýry halatlarda Topar maglumatlara garamagy gaýra goýup hem-de olary degişli minisrtlige, pudaklaýyn dolandyryş edarasyna goşmaça öwrenmek (ylalaşmak) üçin iberip biler.

11. Toparyň dini guramalary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almaga rugsat bermek hakyndaky çözgütleri bellenilen nusgada resmileşdirilen, Toparyň agzalary tarapyndan gol çekilýän teswirnamalar görnüşinde resmileşdirilýär. Garalan maglumatlar teswirnamanyň aýrylmaz bölegi bolup durýar we onuň ýanyna goşulýar. Teswirnamalar Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň halkara-hukuk gatnaşyklary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba alyş müdirligine berilýär hem-de garalan maglumatlar bilen bilelikde, dini guramalary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almak ýa-da olary hasaba almakdan ýüz döndermek üçin esas bolup durýar. Maglumatlar Türkmenistanyň Adalat minisrtliginde dini guramalaryň we

jemgyýetçilik birleşikleriniň işleýän ähli döwründe we olaryň işi bes edileninden soň 3 ýylyň dowamynda saklanylýar.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ**
**K A R A R Y**